# Tümlügiň içinde (Hekaýa)

Category: Hekaýalar
написано kitapcy | 20 июля, 2025



***Ten DAEGEN,***
***hytaý ýazyjysy***

Kenardaky çägä derýanyň aňyrsyndaky dag gerişleriniň äpet kölegesi düşüp, käýerde-de bulanyk sary suwuň üstüni örtýärde, oňa ýürekgysdyryjy çal reňk çaýýar. Derýa haýallyk bilen akýar, gaýyklar asla görnenok, diňe bir topbak çarlak ak ganatlaryny ýaýyp, suwy gyratlap uçýar-da, birdenem asmana göterilýär. Kenara ýakyn ýol bilen iki sany ýolagçy ýadaw halda gelýär. Olar kä kenaryň saý ýerine inýärler, käte bolsa uçuda galýarlar. Olaryň uzyn boýlusyna Su ÝuÝelin diýýärler. Onuň on sekiz ýaşy bar. Ol gara köne lybasynyň ýokarky ilikleriniň birnäçesi ildirmändir, günden goranmak üçin geýýän papagyny bolsa ýeňsä süýşüripdir. Onuň uzak ýöremekden ýaňa gyzaran ýüzüni der basyp, gözleri giňden açylypdyr. Her gezek uçuda münende ädimini haýalladýar hem-de derýany synlaýar.

Derýanyň aňyrsynda ýaşyp barýan Gün şöhlesine dag gerişleri, mawy öwüsýän tokaýlar, gögümtil-gara gaýalar hem-de egrem-bugram bolup gidýän çalymtyl-ak ýodalar mese-mälim görünýär.

Alysdaky daglaryň eňňidinde sürlen ýerler ýaýlyp ýatyr, gür baglaryň içinde goňur külbeler gizlenip otyr. Olardan açyk gök asmana aksowult tüsse zogdurylyp çykýar, diýmek, günorta naharynyň wagty gelipdir. Su ÝuÝelin uludan demini aldy. Gün dogaly bäri ol duzam datmandy. Birdenkä dag ýolunyň duýdansyz öwrüm edýän ýerinde bir täsin görnüş açyldy: ýaýlyp ýatan suwuň ýüzüne şapagyň nury düşüp, san-sajaksyz altynsow teňňejikleri ýadyňa salýan ownujak tolkunlar ýaldyrady. Ýöne tebigatyň gözelligi Su ÝuÝeliniň göwnüni götermedi. Ol gowşak ses bilen hüňürdedi:

– Içigar galmyş! Ýekeje gaýygam ýok!

Onuň ýany bilen ýöräp gelýäne Li Bosin diýýärler. Ol Su ÝuÝelinden birnäçe ädim yzda. Boýy gysga, ýöne berdaşly, ýaşy on dokuzdan ýokary däl. Onuň ýüzüniň öçügsi-çal reňkine seretseň, ýaşy ýigrimiden aňyrdadyr öýdersiň. Ol dodaklaryny berk ýumup, howlukman gelýär. Onuň egninde-de gara lybasy bar, ähli ilikleri ildirilen, ýöne mazaly könelen we Güne solan. Papagy göni otyr. Elinde taýaga derek bir gök şaha bar. Ol demini sojap alanok, gamgyn görnenok, ýüzi gaharly, hamala, häziriň özünde biri bilen ýaka tutuşaýjak ýaly. Ol Su ÝuÝeliniň sözlerini gulaklarynyň duşundan geçirip goýberdi-de, derýany üns bilen synlap başlady.

Su ÝuÝelin öňküdenem beter sülleren ýaly boldy, bedeniniň ysgyny gaçdy. Ol daşa özüni goýberdi-de, papagyny çykaryp, aýaklarynyň ýanyna oklady. Soňra gynanjyny gizlejegem bolman:

– Birwagtlar Çu döwletiniň hökümdaryny Uszýan derýasyna gabanlarynda, her niçigem bolsa, yzyndan gaýykly balykçy gelipdir.

Li Bosin derýa birsyhly seredip durdy. Ýabany ördekleriň kiçijik sürüsi suwa gondy. Soň bolsa ala-mula ganatlaryny ýaýyp, derýanyň üstünden tagaşyksyz uçup geçdiler-de, şapaga gyzaran derýanyň altynsow reňki çaýylan gara nokatlaryna öwrülip, tolkunlaryň üstünden gözden ýitdiler.

Ördeklere garap duran Su ÝuÝelin ýene-de uludan demini aldy.

– Bularyň köpdügini görýäňmi? Hiç bolmanda birjigini kakyp bolsady! Ýöne ýaragsyz näme edibiljek diýsene! Biz nalajedeýin adamlar. Robinzon ýaşalmaýan ada düşende-de, ýanynda pyçagy, tüpeňi bolupdyr. Hany, indi biz näme etsekkäk, hä?

Li Bosin oňa tarap öwrüldi-de, gynanç bilen şeýle diýdi:

– Boş ellerimiz bilenem hor bolmarys! Ýüzüp bilýäňmi?

– Ýüzüp bilýän, ýöne haýry näme?! Gör-ä, deryanyň giňdigini, heý, muňam ýüzüp aňyrsyna çykyp bormy? – diýip, Su ÝuÝelin gaşlaryny çytyp, başyny ýaýkady.

Li Bosin:

– Her niçigem bolsa, men derýadan geçmek üçin ýer gözlemelimikä diýýän – diýdi. Soňra bolsa özüçe düşündirdi. – Derýanyň niresi giň bolsa, diýmek, şol ýerem ýalpakdyr, aňyrsyna geçip bolar.

– Hany, geç onda – diýip, Su ÝuÝelin erjellik bilen gürledi. – Şunça ýol geçdik, ýöne uzak gün iýen zadymyz bolmady! Meň-ä ýüzmäge-de mejalym ýok, dogrusy!

– Mejalym ýok? Onda batyrsyramaly däl ekeniň – diýip, Li Bosin käýindi. – Özem ilkinji gün şeýle. Sen ýoldaş bolarlyk adam däl ekeniň!

– Özüň ýüzüber – diýip, Su ÝuÝelin gaharyny saklap bilmän kinaýa bilen aýtdy. – Men bolsa häzir gözlerimi giňden açyp, şu gahrymany synlajak.

Li Bosin ýöräp barşyna geýiminiň iliklerini ýazdyrdy-da, suwa inip ugrady.

Su ÝuÝelin Li Bosiniň iňňän aýgytly we erjel adamdygyny bilýärdi, ol bir zat diýdimi, şony hökman edäýmelidir. Eger ol bolmadyk bolsa, Su ÝuÝelin bu wagt bir uly şäherde okardy hem-

de daglaryň içine aralaşmaga ýürek etmezdi. Belki, onuň bu wagt sport meýdançasynda basketbol oýnamagam mümkin. Ýöne häzir Li Bosiniň, hakykatdanam, derýadan ýüzüp geçmekçi bolýandygyny görende, özüniň ejizligini duýmak ony şeýlebir howsala saldy welin, hatda ýüregi jigläp gitdi.

Li Bosin suwa girdi-de, ýüzüp ugrady. Her gezek ellerini suwa pagşyldadyp uranda, ak köpürjikler peýda bolýardy. Ýokaryk zyňylýan suwlar şapagyň gytak düşýän şöhlesine kümüşsöw öwüsýärdi.

«Haýwan diýsänim! – diýip, Su ÝuÝelin içinden gaharlandy. – Bile gitmäge yran-a özi, birinji kynçylygy görende bolsa ýeke özi barýar. Gara gaýgysy öz jany. Naýynsap! Dostam bir taşlanarmy?».

Su ÝuÝeliniň arka tarapynda başy asmana direýän garamtyl-gök gaýa bardy. Gaýanyň äpet çykytlary ýumrulaýjak bolup görünýärdi, kä ýerindäki çuň gowaklaryň agzyna meňzäp duran oýlar garalyp durdy. Darajyk derelerde äpet jandaryň derisini ýadyňa salýan gyrymsy agaçlar görünýärdi. Gaýa benewşe şöhleler we agşamyň kölegesi düşensoň, eýmenç bolup görünýärdi. Su ÝuÝeline gorky aralaşdy, ol: «Ýok, men bärde ýeke galyp bilmen» diýip oýlandy-da, ýerinden turup, hasyr-husur iliklerini ýazdyrdy-da, suwa tarap ýöneldi. Ýöne ol birden aýaklarynda ysgynsyzlyk hem-de ýeňiljek başaýlanma duýdy. Gaýa bilen çägesöw kenaryň aralygyndaky harsaň daşlar uzyn zolak bolup gidýärdi. Olaryň üsti bilen ýöremek aňsat däldi. Su ÝuÝelin büdräp ýykyldy, eliniň aýasy we injigi ýaralandy. Ol ýerde çabalanyp kän ýatdy, ýerinden turan wagty bolsa onuň gözlerinde ýaş göründi. Su derýanyň aňyrsyna geçip bilmejegine düşündi, ýöne şonda-da geýimlerini aýryp, suwa girdi.

Bular tas günortandan bäri derýanyň kenaryny syryp gelişlerine gaýyk gözläpdiler, ýöne gaýyga duşmak umydy ahyry ýitipdi. Belki, Li Bosin mamladyr, diri galmak we howpdan daşrakda bolmak üçin aýgytly hereket etmelidir. Şu gün säher bilen

bular şeýle hem edipdiler. Bu ikisiniň ýoldaşy Seýe Fužen diýilýän dagdan düşüp, oba gidipdi. Bular oňa tokaýda garaşjakdyklaryny, ýöne bir sagatdan dolanyp gelmese, ol ýerden gitjekdiklerini hem-de haýal etmän derýadan geçjekdiklerini söz beripdiler. Li bilen Suň şum bagtyna hut şeýle hem boldy. Seýe Fužen dolanyp gelmedi. Bular özlerini ýowuz howpuň penjesinde ýaly duýdular. Ol howp bolsa tokaýy ähli tarapdan berk gysaja salýan ýalydy. Li Bosin haýal etmän Seýe Fužene beren sözüni, ýagny daglardan aşyp, derýanyň boýuna barmagy ýüregine düwdi. Su ÝuÝelin gözýaş döküp, ýoldaşyna garaşmagy haýyş etdi hem-de tokaýdan gitmäge göwnemedi. Ol Seýe Fuženiň hä diýmän geljekdigine umyt edýärdi. Muňa garamazdan, Li Bosin oňa galmaga rugsat bermedi, elinden çekip, ýany bilen alyp gitdi hemem şonda oňa igenipdi:

– Eger ony halas edip bilerin öýtseň, gal!

Su başga çykalganyň ýokdugyna düşündi-de, dostunyň yzyndan mytdyldap ugrady. Ol ilki daga dyrmaşyp barýan tanyş adamy görmek islegi bilen häli-şindi yzyna garaýardy. Ýöne soň weli munuň haýyr boljakdygyna hiç hili umydy galmady. Onuň göwnüne, derýanyň bu kenarynda olara her bir ädimde howp abanýan ýalydy. Oba giden ýoldaşynyň uçran belasyny ýada salanda bolsa, ýüregine howsala aralaşýardy. Kim bilýär, häzir bularyň hem ökjesini sydyryp gelýän bolmaklary ahmal. Ol ädimini çaltlandyrdy, hatda Li Bosinden çaltrak ýöremegi haýyş hem etdi. Ýöne tutuş ýarym sagadyň dowamynda olar odun çapyp ýören adamdan başga hiç kime duşmadylar. Ol bolsa bulary görüp, derrew gözden gaýyp boldy. Bu çolalyk Su ÝuÝelini biraz rahatlandyrdy, ýöne ony ýolboýy ökünç hem-de lapykeçlik duýgusy horlady. Ol käte-käte Li Bosine gaharlanýardy, şu sebäpli onuň bilen birnäçe gezek dawalaşypdam.

Su ÝuÝelin haýallyk bilen penjegini aýyrdy-da, diňe balakly suwuň gyrasyna bardy, ýöne eliniň sypjyrylan ýerini görüp, suwa girmäge bogny ysmady. Ol derýa üns bilen seretdi hem-de Li Bosini gördi. Li eýýäm derýanyň ortasyna ýetipdi; ýene biraz ýüzse, kenaryň aňyrsyna çykyp biljekdi. Ol ýerde bolsa

sen ähli howp-hatardan halas. Su ÝuÝelin bu hakda näçe pikirlendigiçe, özüni şonça-da betbagt duýýardy hemem şonça-da Li Bosine gahar-gazaby artýardy. Ol: «Biz ýoldaşymyzy takdyryň eline berip, örän gelşiksiz hereket etdik» diýip hasaplaýardy. Li Bosin bolsa başgaça pikir edýärdi, çünki şeýtmegi Seýeniň özi tabşyrypdy, onsoňam bu ýoly saýlamagy daş-töwerekdäki howsalaly ýagdaý talap edýärdi. Bular häzirem howpdan doly halas däldi, ýöne her niçik-de bolsa, duşman söbügini sydyryp gelenok, daş-töwerek imisalalyk. Li Bosin bolsa ýoldaşyny şeýle aňsatlyk bilen taşlap gidip bilýär. Bu doňýüreklik! Bularyň ikisem bir pikiriň ugrunda göreşýär, diýmek, birek-birege kömek etmeli, egin-egne berip ýöremeli. Bular üç ýyl bir mekdepde okadylar, dostlaşdylar. Şunuň özi eýýäm kyn pursatda dostluk goluny uzatmaga borçly edýär ahyry, Su ÝuÝelin biwepa ýoldaşlar hakdaky gadymy nakyly ýadyna saldy: «Gowy günüňde – bile, agyr günüňde – aýry». Şundan soň onuň dostundan göwni galdy. Ol özüniň höwes eder ýaly ýagdaýynyň ýokdugyny duýýardy, bu bolsa ony oýlanmaga mejbur etdi. Onuň ýaňaklaryndan gözýaş damjalary syrygdy. Ol hyýalynda alysdaky dogduk mekanyny, ejesini, uýalaryny ýatlady. Indi olary hiç wagt görüp bilmezligi-de mümkin. Şu zatlar ýadyna düşende onuň ýüregi myncgaldy. Häzir aglasaňam boljakdy, çünki töwerekde adam-gara ýok. Su ÝuÝeliniň pikiriçe, mert adam öz hasratyny gizlejek bolmaly, gowusy, çola daglara ýa-da çöl-beýewana gideýin-de, şol ýerde ýüregimi boşadaýyn.

Ol şu zatlary aňynda aýlaýarka, Li Bosiniň yzyna ýüzüp gelýändigini gördi. Su ÝuÝelin derrew gözýaşlaryny syldy-da, golaýlap gelýän Li Bosine gyňyrlyk bilen bakdy.

Kenara çykyp saçynyň suwuny silkip durşuna, Li dostuna mylaýymlyk bilen şeýle diýdi:

– Derrew geýin! Derýanyň bu ýerinden geçip boljak däl, biçak okgunly akýan ýeri bar eken. Başga bir alaç tapmaly! Be, seň eliň ganan ýaly-la, hä?

Su ÝuÝelin sesini çykarman, başga tarapa bakdy; dostunyň

aladaçyllygy ony öňküdenem beter gaharlandyrdy.

Haýran galan hem ynjalyksyzlanan Li Bosin endamynyň damjalaryny süpürip durşuna, ýoldaşyna ünsli seretdi, soňra ýylgyryp, ýuwaşja sorady:

– Gaharlanýaňmy? Sen, hakykatdanam, dostumy taşlap gider öýtdüňmi? Gülkünç! Men diňe derýanyň şu ýerinden aňyrsyna geçip boljagyny-bolmajagyny barlamakçy boldum.

Su ÝuÝelin dodaklaryny gyşardyp, köpmanyly ýagdaýda «hüm» etdi. Bu onuň «Seni bireýýäm tanadym» diýdigidi.

– Men ýalan sözleýändirin öýdýäňmi? – diýip, Li Bosin özüni aklamaga howlukdy. – Biziň dostlugymyz bir ýylyň, iki ýylyň dostlugy däl-ä. Heýem, seni kyn günde taşlap giderinmi?

– Aýybyň açylansoň, indi saňa diňe mönsüremek galýar – diýip, Su ÝuÝelin gaharyny ýüze çykardy. – Ýöne meni aldap bilmersiň, men çaga däl.

– Sen näme diýýäniňi özüňem bileňok – diýip, Li Bosin gynanç bilen aýtdy. – Näme üçin men hakda beýle erbet pikir edýäniňe düşünemok.

Su ÝuÝelin gürrüňiň tamamlanandygyny bildiresi gelýän ýaly, kellesini aşak goýberdi. Li Bosin oňa seretdi-de, uludan demini aldy.

– Häzir ikimiz üçinem ýeňil dälkä, tersleşmegiň geregi ýok. Eger göwnüňe degen bolsam, bagyşla!

– Bagyşlamalymy? – diýip, gahary joş urýan Su ÝuÝelin gygyrdy. – Aldamaly däl ekeniň.

– Seniň pikiriňçe, men seni aldajak bolupdyryn-da, şeýlemi? Bilýäňmi näme, seniň munyň juda adalatsyzlyk bolýar! – diýende, Li Bosiniň ýüreginde gahar-gazap gaýnap joşdy. Dostunyň ýalňyş düşünmegi oňa juda agyr degýärdi.

– Adalatsyzlyk! – diýip, Su ÝuÝelin onuň agzyna öýkündi-de, sözüni dowam etdi – şu ýerde akym güýçli bolmadyk bolsa, sen häzir o kenara ýüzüp geçerdiň, onsoň özüňi aklamak üçin bahana tapmagyň geregi bolmazdy!

– Seň munyň nädogry! – diýip, Li Bosin gygyrdy. – Seret, hanha meniň zatlarym! – Ol gapdalda çägäniň üstünde ýatan eşiklerine elini uzatdy. – Eger-de ýeke özüm gidesim gelen bolsa, men eşiklerimi ýanym bilen almazmydym? Geň zat! Onsoňam men näme üçin howlukmaly? Yzymyzdan kowgy gelýärmi?

Su ÝuÝelin gyzaryp gitdi, başyny aşak sallap, bir agyz geplemedi.

Li Bosin derrew geýindi, aýakgabyny geýdi-de, dostunyň ýanyna baryp, onuň bilen maslahat edýän terzde şeýle diýdi:

– Görýän weli, biz bu gün deryadan geçip biljek däl öýdýän, gowusy daga gideli, belki, o taýda bir obanyň üstünden baryp, iýer ýaly zat taparys.

Su ÝuÝelin gymyldamady, agzyndan bir sözem çykmady. Li Bosin onuň elinden çekip:

– Seret, wagt gijikdi, çaltrak gideli!

Su ÝuÝelin başyny ýaýkady.

– Özüň gidäý! Men-ä bärde galjak!

– Näme, meniň geýimlerim saňa subutnama dälmi? Näme üçin sen henizem gaharlanýaň? – diýip, Li Bosin gynanç bilen sorady.

– Men öz-özüme gaharlanýan – diýip, Su ÝuÝelin sowuk jogap berdi.

– Ýeri, bolýa-la. Keýpiňi bozup oturmak nämä gerek? Gideli, basym iňrik garalar!

Ol aýgytlylyk bilen Su ÝuÝeliniň elinden tutdy-da, yzyna düşürdi. Iki ýoldaş derýanyň boýy bilen ýoluny dowam etdiler,

ýöne indi derýa bulary gyzyklandyrmaýardy; olar daga tarap seredip barýardylar. Basym eňňitde tokaýa tarap öwrüm edýän insizje ýoda göründi. Şeýle belentlige galmaly boljakdygy hakyndaky pikir kellelerine gelende, ikisiniňem mazasy gaçdy. Ýöne wagt garaşmaýardy, gün gijigipdi. Şo sebäpli gijäni geçirmek üçin haýal etmän ýer tapmalydy. Li Bosin derrew daga gitmeli diýen karara geldi. Ýöne Su ÝuÝelin ikirjiňlenýärdi.

– Sen aňyrda ýatmaga ýer tapjagymyza kepil geçip biljekmi?

– Şu ýol bilen gidip, oba bararys diýib-ä pikir edýän! – diýip, Li Bosin kesgitli aýtdy-da, eňňide dyrmaşyp ugrady.

– Adatça, her bir ýol haýsydyr bir obanyň üstünden eltýär, ýöne onuň ýakyndygyny nireden bilýäň? Eger-de oňa çenli ýigrimi ýa-da otuz li ***( Li – Hytaýda 576 m-e barabar bolan uzynlyk ölçegi.)*** ýöremeli bolaýsak näme?

Su ÝuÝeliniň daga çykasynyň gelmeýändigi mese-mälimdi, ýöne bärde galmak hem gorkulydy.

– Oba golaýdadyr – diýip, Li Bosin ynamly aýtdy. – Ynha seret, bärde ýol insiz, oba uzakda bolan bolsa, ýolam giňräk bolardy.

– Dag ýoly sähralardaky ýaly giň däl, muny kim takyk aýdyp biler öýdýäň?

– Sen entek şu ýerde biraz dynç al. Men bolsa ýokarrak çykyp, töwerege garaýyn – diýip, Li Bosin dostuny rahatlandyrmak isledi.

– Garaňky düşüp barýar, kimiň bärde galasy geler öýdýäň? – diýip, Su ÝuÝelin gussaly jogap berdi.

Ýoluň iki gapdalyndan tikenli gyrymsy agaçlar uzalyp gidýärdi, uly agaçlaram duş gelýärdi, käýerde gür ýaprakly gök şahalar bu iki ýolagçynyň kellesine degäýjek bolýardy. Derýa üstüňe abanyp duran gaýalaryň aňyrsynda kä gözden ýitýärdi, birdenem şapagyň soňky şöhleleri düşüp, ýene peýda bolýardy; tolkunlar altynsow-sary reňkinden benewşe-gyzgylt reňke geçýärdi. Derýa

kem-kemden daralýan ýalydy, indi suwuň şaggyldysam eşidilenokdy. Oňa derek dag gerişlerinden öwüsýän ýeňiljek agşam şemaly gulagyňa sosna agaçlarynyň şybyrdysyny getirýärdi. Guşlar toplanyşyp örän pessaýdan uçýardy.

Eňňide dyrmaşmak ýeňilem däldi. Li Bosin bar güýjüni tijäp, biraz öňden barşyna, häli-şindi maňlaýynyň derini sylýardy. Su ÝuÝelin daga süýrenip diýen ýaly çykansoň, hemişe yza galýardy. Muny görüp Li Bosin gaýa ýaplandy-da, ýoldaşy gelýänçä garaşdy. Su ÝuÝelin saklandy-da, demini dürsäp, gaharly hüňürdedi:

– Obanyň golaýdalygy bolup biljek zat däl!

Dostunyň halys ruhdan düşenini gören Li Bosin oňa göwünlik bermekçi boldy:

– Kim bir zada ýetmek üçin dyrjaşýan bolsa, ruhdan düşmeli däl, aýgytly we batyrgaý hereket etmeli. Diňe şeýdip üstünlige ýetip bolar.

– Bu diýýäniň dogry! – diýip, Su ÝuÝelin ylalaşdy, ýöne munuň yzysüre, öňki endigi boýunça ýene garşy çykdy. – Ýöne men ýalňyşman hereket etmeli diýip hasap edýän, ýogsa ýeňliş gutulgysyzdyr.

– Gutulgysyz bolsa bolubersin – diýip, Li Bosin arkaýyn gepledi. – Biz entek ýaş, ýeňlişden gorkmaly däl!

– Kimiň gorkýandygyny, kimiň gorkmaýandygyny entek göreris – diýip, Su ÝuÝelin sowuklyk bilen aýtdy-da, dymdy.

– Su, diňle, bir gowy nakyl bar: «Ýeňliş ýeňşiň enesidir» – diýip, Li Bosin dostuna öwüt beriji äheňde ýüzlendi-de, ýene daga dyrmaşyp ugrady.

Gün ýaşdy, asman garaldy. Ýaňy hem aýdyň görnüp duran tokaý tümlüge garylypdy, onuň sudury kem-kemden ýitip başlady. Aşakdan bir ýerden duman süýşüp gelýärdi. Basym garamtyl-gök asmanda ilkinji ýyldyzlar görnüp ugrady. Ýoda ýolagçylary

sosna tokaýlygyna eltdi. Tümlük barha goýalýardy. Bu çola ýerde iňlär siňek ýokdy.

Li Bosin dostunyň göwnüni götermek üçin pessaý sesi bilen aýdyma hiňlendi. Su ÝuÝelin gaharyny gizlejegem bolman, aýdymyň arasyny böldi:

– Haýyş edýän, bes et!

– Näme üçin?

– Ýyrtyjy haýwanlary biynjalyk etmäli.

– Haýsy ýyrtyjylary? Gaplaňlary ýa-da barslarymy? Meniň pikirimçe, olar bärde ýok.

Şeýle diýenem bolsa, Li Bosin aýdymyny goýdy. Elbetde, ol hiç zatdan gorkanokdy, diňe dostuna eglişik etmek isläpdi. Ýol tokaý tümlüginde ýitipdi. Birdenkä Li Bosin aýak çekdi-de, ýuwaşja gürledi:

– Hany garaş, men bir diň salaýyn!

– Bir zatlar eşidýäňmi? – diýip, Su ÝuÝelin gorkup sorady.

– Ýok! Men: «Heý, bir ýerlerde it üýrmezmikä?» diýip, diň salýan. Itiň bar ýerinde hökman ýaşaýyş, oba bar!

– Bu bolgusyz ýerde oba näme işlesin! – diýip, Su ÝuÝelin uludan demini aldy, ýöne bu gezek dostuna igenmedi.

– Gel, oturaly, ynha Aý dogar weli, ýolumyzy dowam ederis – diýip, Li Bosin teklip etdi.

Şemal öwsenokdy, tokaýda imisalalyk höküm sürýärdi, diňe käwagt agajyň üstünden daşy guran sosna hozy patlap ýere gaçýardy ýa-da guşuň ganatlarynyň sesi gelýärdi. Tokaýyň selçeňleşýän ýerinde, gara gerişleriň depesinde ýyldyzly belent asmany görüp bolýardy. Ana, daglaryň aňyrsynda jahan az-maz ýagtylyp ugrady, ýyldyzlar öçüşdi, haýallyk bilen gädilen Aý çykdy. Agaçlar derrew kümüşsöw reňke boýaldy, çygly

ýere Aýyň ýagtysyndan we agaçlaryň kölegesinden täsin nagyşlar düşdi. Ýol görnüp ugrady. Li Bosin ýerinden galdy-da, ýene öňe ýöräp başlady. Su ÝuÝelin argyn aýaklaryny süýräp, onuň yzyna düşmeli boldy.

Geçitden aňyrda olar derä inip ugradylar. Dag çeşmesiniň şirrildisi eşidildi. Dagyň etegini Aý yşygyna ýeňiljek duman büräpdi. Pyrtykalyň we narynjyň hoşboý ysy gelip durdy.

– Ine, indi oba daş däl bolsa gerek – diýip, Li begendi.

– Ony nireden bilýäň?

Su ÝuÝeliniň sesinden ynanmaýanlygy bildirip durdy.

– Şu ysy alýaňmy? – diýip, Li Bosin howany öýkenine dartdy. – Jedelem ederin, bu ys hökman bagdan gelýän bolmaly.

– Näme, dagda ýabany agaçlar ýokdur öýdýärmiň? – diýip, Su ÝuÝelin sowuklaç sorady.

Li Bosin güldi:

– Näme üçin hemişe ýaramaz pikirleri edýäň?

– Sebäbi men paýhassyz ruhubelent bolasym gelenok – diýip, Su ÝuÝelin gaharlandy.

Li Bosin ýylgyryp, sözüni dowam etdi:

– Paýhassyzlyk barada jedel edip biljek däl, ýöne adam hökman ruhubelent bolmaly! Şonuň üçinem seniň sebäpsiz ýere göwnüçökgünlige düşeniňi islämok!

– Sebäpsiz? – diýip, Su ÝuÝelin saklanyp bilmän gygyrdy. – Sergezdanlyk, açlyk, ýarygije, üstesine-de, kelläňi goýara ýer ýok. Ýa bu zatlaryň bary meniň oýlap tapan zatlarymmy?

Dostunyň rahatlanmagy üçin Li Bosin birsellem sesini çykarman ýöredi, soňra pessaý, ýöne ynamly sesi bilen şeýle diýdi:

— Açlyk, sergezdanlyk… Bolanda näme? Bu diňe durmuşyň iki sany gabat gelip biljek synagy. Biz, ýaşlar, durmuş mekdebinde ol synaglardan geçmelidiris.

Su ÝuÝelin gülümsiredi:

— Hany göreli, sen ertir ýa-da birigün näme diýerkäň!..

Li Bosin jogap berjek boldy, ýöne birdenkä gapdaldan haýbatly ses çykdy:

— Kim gelýär?

Dostlar aljyrady. Sesiň bulara degişlidigi aýandy.

— Jogap beriň, ýogsa ataryn!

Li Bosin sesini gataldyp gygyrdy:

— Biz parahat adamlar! Ötegçiler!

— Parahat adamlar? Haý, eýesiz galmyşlar!.. — Bu zatlaryň yzyndan bolsa sögünçdir içýakgyç gülki sesleri eşidildi.

Başga biri ýogyn sesi bilen buýruk berdi:

— Eliňizi galdyryň!

Li Bosin bilen Su ÝuÝelin elini galdyran badyna, iki sany tüpeňli ýigit olaryň gaşynda peýda boldy. Biri niliň agzyny Li Bosine gönükdirdi, beýlekisi bolsa Su ÝuÝeliniň jübülerini barlady. Aýyň yşygynda iki ýigidiňem harby geýimdedigini görüp, Li Bosin aljyrady, ýöne derrew özüni ele aldy. Ol gorkudan ýaňa dostunyň dişleriniň şakyrdaýandygyny eşidip durdy. Haçan-da, jübi barlaýan Li Bosiniň jübülerini barlap ugranda, tüpeňli ýigit ýaragyny öňe uzadyp, Li Bosiniň döşüne gezedi.

Beýleki ýigit Li Bosiniň jübüsinde pul bardygyny bildi, ony elinde aýlaşdyrdy-da, ýene jübüsine saldy. Ol:

— Haýsy bölümden? — diýip gaharly sorady.

— Biz esger däl, okuwçy — diýip, Li Bosin derrew jogap berdi.

Jübi barlaýan ynanmady we yzgytsyzlyk bilen sorady:

— Okuwçy? Bärde okuwçyň näme işi bar?

— Häzir dynç alyş döwri, öýe barýas, ýöne ýolumyzdan azaşdyk! — diýip, Li Bosin jogap bermäge howlukdy.

— Ellerini daňaly, wessalam! Sorap durmagyň geregi ýok — diýip, beýleki hökümli gygyrdy-da, tüpeňini aşak goýberdi. — Olaryň kimdigi düşnükli!

Ýigitler ýüp getirenlerinde, Li Bosin haýyş etdi:

— Esgerler, ellerimizi daňmaň, özümiz gideris!

Ýöne ony diňlemediler. Ellerini arkalaryna baglap, ýanlary bilen alyp gitdiler. Bularyň ugry oba tarapdy.

Aý yşygy düşýän ýol çuň deräniň depesinde dagyň daşyna aýlanyp, käýerde eňňit bolup aşak gaýdýardy. Dag eňňidindäki agaçlaryň ýapraklary asudalyk bilen ýylp-ýylp edýärdi. Garşyda seleňläp duran dag gyrymsy agaçly garaňky jülgä Aý yşygyny düşürmeýärdi. Çeşmäniň aşakdan gelýän şirrildisi gijäniň ümsümliginde ýiti eşidilýärdi. Haşal otlara basyrylan dag eňňidinde gytaklap barýan dört sany kölege görünýärdi. Olar agaçlaryň kölegesine siňip gidýän ýaly bolsa-da, käwagt Aý şuglasy ýolagçylaryň geýimine düşýärdi.

Su ÝuÝelin ömrüne beýle zady görmändi; häzir ony gabahat iş eden adam ýaly alyp barýarlar. Soň bulary gynajaklarmy, gamçylajaklarmy, kim bilýär… Şu pikirler kellesine gelende, gany doňan ýaly boldy. Ol täze durmuşy düýbünden başgaça göz öňüne getirýärdi, has dogrusy, şygarlaryny kagyza ýazyp, ýarym berbat bolan diwarlara ýelmejekdi, başlary daýhan daňyly müňlerçe adamyň öňünde ýalkymly söz sözlejekdi. Galyberse-de, ol eline tüpeň alyp, iň soňky okuna çenli urşup biljekdi.

Häzir bolsa ol ýatakdan heniz ara açman, bela duçar bolan guzujyga meňzeýär. Ýolagçylyk beýle pajygaly gutarar diýip, ol hiç garaşanokdy.

Li Bosin bolsa, tersine, häzirki zamanyň ýaş ýigidi bular ýaly kynçylyklardan halas däl hasap edýärdi, şonuň üçinem ýüreginde gorky ýokdy. Onuň ýanynda bularyň dynç alşa goýberilendigine güwä geçýän mekdep ýolbaşçysynyň beren kepilnamasy bardy. Ony okan her bir adam bularyň öýe dynç almaga barýandygyna göz ýetirip biljekdi. Ol hiç kimden çekinmän adamlaryň gözlerine göni seredip biljekdi we her hili synaga döz geljekdi. Ol näme sebäbe gorkmaly? Şonuň üçinem ol ýanyndaky eli ýaragly bilen gürrüň açmakçy boldy, olaryň haýsy bölümdendigi, haçandan bäri gulluk edýändikleri, daglarda amatly bahadan ony-muny alyp bolýany-bolmaýany bilen gyzyklandy. Ýöne ýigitler soraglara jogap bermän, diňe käwagt azmly gürleýärdiler:

– Azrak geple-de, ýöre.

– Gardaşlar, beýtmek nämä gerek? – diýip, Li Bosin olara ýüzlendi. – Biz siziň göwnüňize degmedik, gynandyrmadyk! Bile naharlansak kem-ä bolmazdy. Eger şu töwereklerde naharhana bar bolsa, size birki bulgur şerbedem hödür edip biljek!

Ýigitleriň biri içýakgyç gülküsini edip, şeýle diýdi:

– Biraz garaş, onsoň şerbet görkezeris. Ýöne ony halamarsyň öýdüp gorkýan.

Ýigitler ylalaşmadylar, şonuň üçin Li Bosin uludan demini alyp dymdy.

Su ÝuÝelin bütin durky bilen dostuny ýigrendi. Onuň göwnüne, şu günki görlen görgüleriň hemmesine Li Bosin sebäp bolan ýalydy.

Olar deryýanyň boýunda galan bolsalar, elbetde, açlyk çekmeli bolardylar, ýöne oňa derek azat gezerdiler. Täsin adam, hemişe oýlanman hereket edýär. Ýigitleriň dostunyň daşyna aýlananyny

görüp, Su ÝuÝelin içinden birnäçe gezek «Oňa geregi-de şol! Nädäýdiňkäň?» diýýärdi.

Ýöne bu owunjak içigaralyk onuň ajy oý-pikirlerini dargadyp bilmedi. Onuň özüne-de gahary gelýärdi: «Li Bosini saklamaly eken, oňa paýhassyz hereket etmäge ýol bermeli däldi. Onuň yzy bilen nämäniň hatyrasyna gerekmejek töwekgelçilik etdimkäm? Özüm günäkär! Hamala, idilip barýan ýaly, biriniň yzynda süýrenip ýörmeli däl-de, öz akylyň bilen ýaşamaly. Men bir sansyz adam ekenim!».

Az wagtdan soň ýol gapdala sowlup, düzlüge çykdy. Dumanyň bardygyna garamazdan, Aý yşygyna mekgejöwenli meýdany synlap bolýardy; gama şekilli baldaklar adam boýundanam ýokardady.

Çeşme öňküsi ýaly ýola tarap gysylyp, ýuwaşlyk bilen şaglap akýardy. Çeşmäniň aňry tarapyndaky dagy çürbaşyna çenli arça agaçlary basyrypdy, ýöne Aýyň şöhlesi olara galtaşmaýan ýaly bolansoň, garalyp görünýärdiler. Gülläp duran pyrtykal we narynjy agaçlaryndan gelýän hoşboý ys burnuňa dolýardy. Bahym ojakdaky tüssäň ysy geldi.

Birnäçe wagtdan garşydaky dagyň etegine ýakyn ýerde, Aýyň öçügsi şöhlesinde ýürekgysdyryjy külbeleriň göni hatary göründi. Külbäniň girelgesiniň edil agzynda duran iki sany uly agaçdan onuň depesine goýry kölege düşýärdi.

— Birini tutduňyzmy? — diýip, gapynyň agzynda duran nobatçy gygyrdy.

— Ikisini tutduk! — diýip, ýaragly ýigitleriň biri begençli jogap berdi.

Bularyň öňünden adaty geýimli, elleri ýaragly birnäçe adam çykdy. Olaryň biri:

— Baryny tutduňyzmy ýa-da gaçyp gidenem barmy?

— Baryny tutduk — diýip, ýigitleriň biri şähdaçyk halda jogap berdi.

Onuň ýoldaşy Li Bosini görkezip, sözüniň üstüne goşdy:

– Bujagaz ýigitden bolsa gözüňizi aýyrmaň, ol ýaňy bizi öz tarapyna çekjek boldy!

Li Bosin bilen Su ÝuÝelini bir darajyk, garaňky otaga saldylar. Gözenekli penjirejikden pola Aý şöhlesiniň zolagy düşýärdi. Biraz wagt geçensoň, olar pola şaly sypalynyň düşelendigini gördüler. Li Bosin Su ÝuÝeliniň elinden tutup, ýanynda oturtdy-da, ýuwaşlyk bilen köşeşdirip ugrady:

– Gorkma, olaryň bize garşy subutnamasy ýok!

Su ÝuÝelin sesini çykarman beýlesine bakdy.

– Sorag edip başlanlarynda – diýip, Li Bosin pyşyrdady – olara mekdebiň beren rugsatnamasyny görkezeris! Şoň üçinem hiç zatdan gorkma!

– Olara seň rugsatnamaň gerekdir-ow – diýip, Su ÝuÝelin gaharly jogap berdi.

– Olar bize nähili daraşsalar-da, barybir, agzymyzy baglap bilmezler! – diýip, Li Bosin aýtdy.

– Olara kembaha garaýaň – diýip, Su ÝuÝelin gaharly seslendi.

Li Bosin dostuny rahatlandyrjak boldy, ýöne munuň peýdasyzdygyny görüp, gürrüňi bes etmek bilen boldy.

Bu kiçijik otaga duýdansyz ýagdaýda bir ýerlerden gazanda gaýnaýan tüwiniň ýakymly ysy aralaşdy. Bu ysy häli iki bolup gelýärkä alan bolsadylar, onda hökman agyzlary suwarardy, ýöne häzir weli açlygy unudypdylar. Şu wagt iň datly naharyňam bularyň bokurdagyndan geçjegi belli däldi.

Su ÝuÝelin kalbynda dostuny paýhassyzlygy üçin, özüni bolsa aýgytlylyk görkezmändigi üçin ýazgarýardy; soňra ol özüni islendik pursatda gynap biljekdikleri hakynda oýlandy. Şonda onuň gözleri garaňkyrap gitdi. Li Bosin bolsa, tersine, hemme

zady arkaýynlykda ölçerip-dökmäge çalyşýardy, sorag berlende ynamly, sakynman jogap bermek üçin her dürli soraglara iň bir ynandyryjy delilleri taýýarlaýardy. «Ýöne Su ÝuÝelinli mesele kyn boljak-da – diýip, ol içinden oýlandy. – Dili bu ýerlileriňki ýaly däl. Şonuň üçinem «Ol şu ýerli» diýip, nädip aýtjak?».

– Seniň gepleýşiň bu ýerlileriňki ýaly däl – diýip, ol Su ÝuÝeliniň gulagyna pyşyrdady. – Şol sebäpli olar senden: «Okuwdan boş wagtyň bu jelegaýlarda näme işläp ýörsüň?» diýip sorarlar. Şu hakda gowuja oýlanmak gerek…

Dostunyň sözüni soňlamaga maý bermedik Su ÝuÝelin gyzyp başlady:

– Haý, eýesiz galmyşlar! Olaryň soraglary bilen meniň ne işim bar, goý, bellimi etsinler!

Li Bosin ony ýene köşeşdirmäge durdy:

– Beýle diýme! Islendik sowala taýýar bolup otur. Aýdaly, seniň kakaň meniň obamda mugallymçylyk edýär, sen bolsa ony görmäge barýaň, ýa-da has gowusy, ol etrap mekdebinde işleýär.

– Siziň etrabyňyza çenli ýol juda uzak – diýip, Su ÝuÝelin garşy çykdy. – Şonuň üçin bizden bärik, derýanyň bu kenaryna nädip, näme üçin düşenimizi hökman sorarlar.

– Ýuwaşrak bol, gapynyň aňyrsynda biri bar… Biz bärik ýüzugra sowuldyk diýsek bolar – diýip, Li Bosin pyşyrdady.

Su ÝuÝelin başyny ýaýkap:

– Seniň etrabyňa gidýän ýol derýanyň aňry tarapynda – diýdi. – Beýle bolsa näme üçin ulagly gitmän, derýanyň boýunda terslin-oňlyn aýlandyk, üstesine-de, bu daglara çykdyk? Olar seniň pikir edişiň ýaly akmak däldir!

– Biz bärik mekdep ýoldaşymyzy görmäge geldik diýsek bolmazmy?

– Onda senden ýoldaşyň kimdigini, adyny, familiýasyny, nirede ýaşaýandygyny sorarlar. Näme, Seýe Fuženiň adyny berjekmi? Beýtsek, bir zadyň üstünden bararys! – diýip, Su ÝuÝelin soňky sözleri gazap bilen aýtdy.

Li Bosin eli bilen maňlaýyny süpürdi-de, pessaý sesi bilen jogap berdi:

– Zyýany ýok, şeý diýip göräýeli…

Ol sesini goýan badyna, gapy duýdansyz açyldy.

Aý yşygy düşüp duran bosaganyň ýanynda adaty daýhan geýimini geýen iki sany tüpeňli adam durdy. Olaryň biri hökümli gygyrdy:

– Daşaryk çykyň!

Li Bosin tisgindi, ýöne derrew rahatlandy-da, howlukmaçlyk bilen Su ÝuÝeliniň gulagyna pyşyrdady:

– Jogabymyz ýaňky gepleşişimiz ýaly bolsun!

Soňra çalasynlyk bilen ýerinden turdy-da, çykalga tarap ýöneldi. Su ÝuÝelin uly howsala bilen biygtyýar halda onuň yzyna düşdi. Li Bosiniň öwüdi oňa ýaramady. «Içigar galmyş, bu özüňi bütinleý paş etmek ahyry!» diýip käýinýärdi. Ýöne mundan gowy ýoly tapyp bilenokdy, bu bolsa ony ähli zatdan beter horlaýardy. Ol öňler ony-muny subut edip, jedelleşmegi gowy görerdi, häzir bolsa goýun ýaly ümsümje bolup, çagyrylan ýerine tarap barýar. Çäresizlikden ýaňa onuň gözleri ýaşarypdy.

Olaryň baran otagynda çöp çyra ýanyp, şepbigiň ysy burnuňa urýardy. Köne, çyr-çyrşak stoluň aňyrsynda kellesi takyr, ýüzüniň reňki köne misi ýatladýan harby geýimde bolsa-da, pogonsyz we ýakasy belliksiz berdaşly biri otyrdy. Ol aýdyň, içiňden geçip barýan nazary bilen getirilenlere seretdi-de:

– Kim bolarsyňyz? – diýip sorady.

Li Bosin özleriniň okuwçydygyny aýdyp, mekdebiň beren rugsatnamasyny görkezdi.

«Okuwçy», «rugsatnama» diýen sözlerini eşidip, kellesi takyr harby geýimlä mylakatlylyk aralaşdy, ýöne ol henizem – göýä, olaryň ýüregindäkini okamak isleýän ýaly – Li Bosine we Su ÝuÝeline çiňerilip seredýärdi. Ol pessaý sesi bilen sorady:

– Gepleýşiňizden bu ýerli däldigiňiz bildirip dur, bärik nädip düşdüňiz?

Su ÝuÝelin doňup galdy. Bu adam Li Bosiniň gepleýşinde çalgyrtlyk duýýan bolsa, diýmek, bu ýerlere belet bolmaly, şonuň üçin ony aldamak ýeňil düşmese gerek.

Ýöne Li Bosin gorkman, ynam bilen bu ýere mekdep ýoldaşyny görmäge gelendiklerini aýtdy. Su ÝuÝeliniň üstünden gyzgyn suw guýlan ýaly boldy, ol ähli zatdan beter şeýle jogapdan gorkýardy.

– Ýoldaşyňyzyň ady näme? – diýip, serkerde derrew sorady.

Ol Li Bosiniň ýüzünden many okajak bolýardy. Li parahat görnüşde, birjigem tolgunman, toslan adyny aýdyp goýberdi.

– Ol nirede ýaşaýar?

– Taýheçanda – diýip, Li Bosin oýlanman, Seýe Fuženiň ýaşaýan ýeriniň adyny aýtdy.

– Etrap merkezindemi ýa-da obada?

– Obada.

– Ol nähili atlandyrylýar?

– E… Ženhesýan – diýip, Li Bosin biraz sagyndy.

– Näme, şeýle oba barmy? – diýip, serkerde gözlerini tegeledi. Onuň ýüzünde şübhe alamaty duýuldy.

– Belki, ony unudandyryn – diýip, Li Bosin başdansowma jogap berdi.

Harby geýimli nobatça gygyrdy:

– Ýoldaş Seýeni bärik çagyr!

Su ÝuÝeliniň ýüregi, göýä, kükreginden çykaýsam diýýän ýaly, gürs-gürs edýärdi. Li Bosin tolgunanyny bildirmezlik üçin aşaky dodagyny dişledi. Harby geýimli bular ýalan sözleýän bolaýmasyn diýen şübhe bilen olardan gözlerini aýranokdy.

Otaga başyny belent tutup, daýhan penjegini geýen ýigrimi ýaşlaryndaky merdemsi ýaş ýigit girdi.

Ol girip-girmänkä harby geýimli ondan sorady:

– Sizde Ženhesýan obasy barmy?

Seýe diýip atlandyrylýan ýigit sorag edilýänlere seretdi hem-de özüne berlen soragy unudyp, bir eli bilen Li Bosini, beýleki eli bilen bolsa Su ÝuÝelini gujaklady-da, begençli seslendi:

– Ha-ha, bu sizmi? Bärsini nädip tapdyňyz?

Soňra derrew harby geýimlä tarap öwrüldi-de:

– Bulary boşat, öz adamlarymyz eken! – diýdi.

Harby geýimli ýerinden turdy-da, olaryň ellerini gysyp, ötünç soraýan äheňde şeýle diýdi:

– Näme üçin sesiňizi çykarman dursuňyz? Ýigitler sizi başga biridir öýdüp…

– Kim size şu lybasy geýiň diýdi? Üstesine-de, biz size Taýheçandasyňyz öýdýärdik… – diýip, Li Bosin gülüp jogap berdi.

Ýigit Su ÝuÝeliniň elinden tutdy-da, oňa begençli seretdi.

– Berekella!

Su ÝuÝeliniň agaran ýüzi indi gyzaryp başlady. Häzirki bagtly pursat ol, megerem, utanýan bolsa gerek. Soňra Seýe Li Bosin bilen harby geýimlä tarap öwrüldi-de, dabara bilen:

– Bu duýdansyz duşuşygy hökman bellemek gerek! – diýdi.

– Dogry, goý, gorkudan soň özlerini ele alsynlar! – diýip, harby geýimli onuň sözlerini şatlyk bilen goldady.

Ýöne Li Bosin garşy çykdy:

– Bize meýlis etmek bolmaz, bir agyr ýagdaý bolup geçdi!

Şundan soň ol Seýe Fuženiň Taýheçana gidip, dolanyp gelmändigini gynanç bilen gürrüň berdi. Harby geýimli bilen Seýe başlaryny aşak egdi, olaryň ýüzünde we nazarynda indi şatlyk alamatlary däl-de, gahar-gazap we hasrat bardy.

Çöp çyranyň şöhlesi öçüşip ugrady, alysdaky jülgeden çeşmäniň şirrildisi eşidilýärdi.

Biçak tolgunan Su ÝuÝelin oýlandy: «Ýaşlar şu zamanda beýik şatlyklara we soňsuz muşakgatlara döz gelmelimi?.. Hawa, döz gelmeli! Bu ömrüň ajaýyp şerbedi ahyry! – Ol öňünde duran daýanykly, syratly adamlara garap, öz ýanyndan karara geldi. – Bular şol şerbedi dadyp görenler! Mundan beýläk menem öz badamy batyrgaýlyk bilen ýokary götererin!».

***Rusçadan terjime eden Muhammet MÄMMEDOW***